Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň
2020-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda çykaran 17-ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibini tassyklamak hakynda**

Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Kärende hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny hem-de «Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2011-nji ýylyň 24-nji noýabrynda 611 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, «Döwlet emlägini kärendä (kireýine) we tölegsiz peýdalanmaga bermegiň şertnamalaryny baglaşmagyň hem-de hasaba almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada» Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriniň 2011-nji ýylyň 11-nji noýabrynda çykaran 167 belgili buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

3. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

4. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň degişli orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **B.Bazarow**

Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministriniň
2020-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda
çykaran 17-ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibi

(Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2023-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda çykaran 360-iş belgili, 2024-nji ýylyň 6-njy maýynda çykaran 113-iş belgili we 2024-nji ýylyň 27-nji noýabrynda çykaran 240-iş belgili buýruklary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2023-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda, 2024-nji ýylyň 13-nji iýunynda we 2025-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda 1742, 1804 we 1846 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan)

## I bap. Umumy düzgünler

1. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Kärende hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna hem-de «Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararyna laýyklykda, döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň tertibini düzgünleşdirýär.

Döwlet emlägini kärendesine bermek Kärendesine alyja belli bir maksatlar üçin göni (salgyly) bermek tertibinde ýa-da ýapyk bäsleşigiň netijeleri boýunça amala aşyrylýar.

2. Döwlet emläginiň Kärendesine berijisi bolup bu emlägi hasabynda saklaýjy (mundan beýläk – Kärendesine beriji) çykyş edýär.

Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berijisi bolup bu emlägi hasabynda saklaýjy (mundan beýläk – Peýdalanmaga beriji) çykyş edýär.

Şu Tertibiň maksatlary üçin döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutmany beren şahs Kärendesine alyjy diýip atlandyrylýar, döwlet emläginiň kärende şertnamasy baglaşylyp, bellige alnandan soň bu şahs Kärendeçi diýip atlandyrylýar.

Býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän ýuridik şahslar Kärendeçi bolup durmaýar, olara döwlet emlägi kanunçylyga laýyklykda şertnama esasynda mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýär.

Ministrlige (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna, häkimlige) we onuň ulgamyna degişli edara-kärhanalara öz aralarynda hasabynda duran emlägi kärendesine bermäge ýol berilmeýär. Şunda emläk kanunçylyga laýyklykda şertnama esasynda mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýär.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi (mundan beýläk – Ygtyýarly edara) döwlet emläginiň aýry-aýry obýektleri we görnüşleri boýunça Kärendesine beriji bolup çykyş edip biler.

4. Ygtyýarly edara baglaşylan kärende şertnamalary, olara üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi, olaryň möhletiniň uzaldylmagy we bes edilmegi baradaky ylalaşyklary (mundan beýläk – kärende şertnamalary) bellige almagy we olaryň hasabyny (elektron reýestrini) ýöretmegi amala aşyrýar.

Baglaşylan kärende şertnamalary, olara üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi, olaryň möhletiniň uzaldylmagy baradaky ylalaşyklary bellige almak bilen bagly hyzmat (mundan beýläk – Hyzmat) tölegli esasda amala aşyrylýar. Hyzmatyň tölegi Kärendesine alyjy tarapyndan tölenilýär, muňa döwlete degişli edara-kärhanalar degişli däldir.

Hyzmat üçin tölegleriň möçberi kanunçylykda bellenilen tertipde Ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar we Ygtyýarly edaranyň býujetden daşary hasaplaşyk hasabyna geçirilýär hem-de onuň zerurlyklaryna gönükdirilýär.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň buýrugy bilen bellenilen halatlarda, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirlikleri hem-de Arkadag şäheriniň Maliýe we ykdysadyýet müdirligi (mundan beýläk - Müdirlikler) öz ygtyýarlyklarynda:

1) kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagy we olaryň hasabyny (elektron reýestrini) ýöretmegi;

2) bellige alnan kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny Kärendesine (Peýdalanmaga) berijä ýetirmegi;

3) Kärendeçileriň kärende tölegi boýunça bergileri baradaky maglumaty Kärendesine berijilere ýa-da Kärendeçilere hat üsti bilen ugratmagy;

4) Kärendeçiniň kärende şertnamasynyň şertlerini ýerine ýetirmedik, şol sanda kärende tölegini kärende şertnamada bellenilen möhletden yzly-yzyna 2 (iki) aýlap tölemän gijä goýan ýagdaýynda, Kärendesine beriji tarapyndan Kärendeçä bergileri töletdirmek, kärende şertnamany bes etmek boýunça meselelere seretmek baradaky hatlaryň ugradylyşyny gözegçilikde saklamagy;

5) meýilnama esasynda (dessin barlaglardan başga) Kärendesine berijileriň döwlet emlägi bilen bagly kärende gatnaşyklary babatynda alyp barýan işlerini barlamagy amala aşyrýarlar.

Meýilnama esasynda (dessin barlaglardan başga) Kärendesine berijileriň döwlet emlägi bilen bagly kärende gatnaşyklary babatynda alyp barýan işlerini barlamaklyk Ygtyýarly edara we/ýa-da Müdirlikleriň degişli işgärleri tarapyndan geçirilýär.

5. Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji öz ygtyýarlygynda:

1) kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny baglaşmagy, kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi, kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryň sanawyny ýöretmegi we kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalardan gelip çykýan Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň ähli hukuklaryny we borçlaryny öz üstüne almagy;

2) döwlet emlägini kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) almak üçin ýüztutmanyň hasaba alnan gününden başlap 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda kärendä, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny

resmileşdirip, bellige almak üçin Müdirliklere iberip, bellige alnan kärendä, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny ýörite kitaba gol çekdirip Kärendeçä (Peýdalanyja) bermegi;

3) kärende şertnamalaryň şertleriniň ýerine ýetirilişi bilen baglylykda jedelli meseleleri çözmek we bergileri öndürip almak üçin kazyýete ýüz tutmagy;

4) Kärendeçi (Peýdalanyjy) tarapyndan Kärendesine (Peýdalanmaga) berijä kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasyny bes etmek ýa-da möhletini uzaltmak boýunça hat berlenden soňra, degişli işleri geçirmekligi;

5) Kärendeçiniň (Peýdalanmaga alyjynyň) kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasynyň şertlerini bozan, şol sanda Kärende emlägini doly ýa-da bölekleýin üçünji şahslara tirkeşikli kärendä, mugt peýdalanmaga (ssuda) beren, kärende tölegini kärende şertnamada bellenilen möhletden yzly-yzyna 2 (iki) aýlap tölemän gijä goýan ýagdaýynda, bergileri töletdirmek, kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasyny bes etmek boýunça işleri geçirmegi amala aşyrýar.

Kärendesine (Peýdalanmaga) berijilen ýokarda beýan edilen ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagy baradaky maglumatlary taýýarlap, her çärýekde Ygtyýarly edara we/ýa-da Müdirliklere berýärler.

## II bap. Döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutmalary bermek we hasaba almak

6. Döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutmalary hasaba almak Kärendesine beriji tarapyndan amala aşyrylýar. Döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutma (mundan beýläk - ýüztutma) Kärendesine alyjy tarapyndan Döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutma (şu Tertibe 1-nji goşundy) we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen alnan maglumatyň esasynda döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutma (şu Tertibe 2-nji goşundy) laýyklykda berilýär. Kärendesine berijä berlen ýüztutma kärende emlägini tükellemek, kärendäniň şertlerini, möhletini we kärende töleginiň möçberini kesgitlemek, şeýle hem kärende şertnamasyny baglaşmak üçin Kärendesine berijä esas bolup durýar.

Şol bir kärende obýektini-döwlet emlägini kärendesine almak üçin 2 (iki) we köpräk arza bolan halatynda, kärende şertnamasy ýapyk bäsleşigiň ykrar edilen ýeňijisi bilen baglaşylýar, şunuň ýaly bäsleşigi geçirmegiň tertibi Ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

7. Döwlet emläginiň aýry-aýry obýektleri we görnüşleri boýunça Kärendesine beriji bolup Ygtyýarly edara çykyş edende, hasabynda saklaýjy tarapyndan ýüztutma Döwlet emlägini kärendesine almak üçin bu emlägi hasabynda saklaýjy tarapyndan Ygtyýarly edara berilýän ýüztutma (şu Tertibe 3-nji goşundy) laýyklykda Ygtyýarly edara berilýär. Berlen ýüztutma kärende emlägini tükellemek, kärendäniň şertlerini, möhletini we kärende töleginiň möçberini kesgitlemek, şeýle hem Döwlet emläginiň kärende şertnamasynyň birkysmy görnüşine (şu Tertibe 4-nji goşundy) laýyklykda kärende şertnamasyny baglaşmak üçin Ygtyýarly edara esas bolup durýar.

8. Kabul edilen ýüztutmalar Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiler tarapyndan elektron görnüşde we kagyz göterijilerde ýöredilýän Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmegi boýunça ýüztutmalary hasaba almagyň kitabynda (şu Tertibe 5-nji goşundy) hasaba alynmaga degişlidir.

9. Ýüztutma şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) Kärendesine alyjynyň tölege ukyplylygyny, ýagny 2-nji tekjede, şol sanda onuň ýüztutmany beren gününde salgyt tölegi boýunça býujete möhleti geçirilen bergisiniň ýokdugyny tassyklaýan resminamalar (hyzmat edýän bankyň we hasaba alnan ýeri boýunça salgyt edarasynyň delilhaty). Eger, kärende şertnamanyň şertleri boýunça kärende töleginiň ähli möçberi kärende döwründe öňünden tölemek tertibinde amala aşyrylýan bolsa, Kärendesine alyjynyň tölege ukyplydygyny tassyklaýan resminamalar berilmän bilner;

2) Kärendesine alyjynyň hukuk ukyplylygyny tassyklaýan şu aşakdaky resminamalar:

a) ýuridik şahslar üçin – Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şaýatlyk edilen nusgasy, şeýle hem Döwlet tarapyndan bellige almak hem-de Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamasynyň nusgasy we Kärendesine alyjynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasy we onuň şol wezipä bellenilendigini tassyklaýan buýrukdan ýa-da beýleki resminamadan göçürme ýa-da onuň wekiliniň kärende şertnama gol çekmäge ygtyýarlydygyny tassyklaýan ynanç haty ýa-da buýrukdan göçürme we şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasy;

b) fiziki şahs üçin – hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamanynyň we hususy telekeçi tarapyndan bellenilen patent töleginiň tölenendigine şaýatlyk edýän patentiniň («Hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 27-nji iýunynda çykaran 14313-nji kararyna laýyklykda, eger işiň degişli görnüşi telekeçilik işiniň sanawyna goşulan bolsa) «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şaýatlyk edilen nusgasy, şeýle hem Kärendesine alyjynyň pasportynyň nusgasy;

3) Ygtyýarly edaranyň bellän görnüşi boýunça kärende emläginiň balans bahasy hakynda, bu emlägi hasabynda saklaýjynyň (haçan-da Kärendesine beriji bolup Ygtyýarly edara çykyş edende) ýa-da Kärendesine berijiniň güwä geçen maglumatlary (tehniki-ykdysady häsiýetnama);

4) aýry-aýry halatlarda kärende emläginiň aýratynlygyndan we kärende şertlerinden ugur alnyp, gerekli bolan beýleki resminamalar soralyp bilner.

10. Şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalar berilmedik ýagdaýynda, ýüztutmany hasaba almakdan ýüz dönderilip bilner. Ýüztutmany hasaba almakdan ýüz dönderilmegi baradaky habarnama sebäpleri esaslandyrylyp, onuň berlen gününden başlap 5 (bäş) iş gününden köp bolmadyk möhletde Kärendesine alyja ýazmaça görnüşde gowşurylýar.

## III bap. Kärende şertnamasyny baglaşmak

11. Kärende şertnamasyny düzmek we baglaşmak ýüztutmanyň Kärendesine beriji tarapyndan hasaba alnan gününden başlap 15 (on bäş) senenama gününden köp bolmadyk möhletde amala aşyrylýar.

12. Kärende şertnamasy kärendesine berilýän emlägiň aýratynlyklaryna we kärende şertlerine baglylykda, oňa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegi nazara almak bilen, deň güýji bolan 3 (üç) nusgada ýazmaça görnüşinde düzülýär.

13. Kärende şertnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) kärende şertnamanyň taraplarynyň ady, hukuk salgysy we maglumatlary;

2) kärendesine berilýän emlägiň ady, görkezijileri, düzümi, sany, bahasy, ýerleşýän ýeri we kärendesine berilýän emlägiň peýdalanylmagynyň maksady;

3) kärendesine berilýän emlägiň berilmeginiň şertleri we tertibi, kärendäniň möhleti;

4) kärende töleginiň möçberi, özara hasaplaşyklaryň tertibi we möhletleri;

5) kärende şertnamasyny üýtgetmegiň ýa-da bes etmegiň, möhletini uzaltmagyň we (ýa-da) üýtgetmegiň tertibi we şertleri;

6) taraplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, şol sanda:

a) Kärendesine berijiniň kärende şertnamada bellenilen maksatlaýyn niýetlenilişi boýunça peýdalanylmagy üçin ýaramly bolan emlägi Kärendeçä bermek hem-de kärendesine berilýän emläge üçünji şahslaryň hukuklary hakynda duýdurmak borjy;

b) Kärendeçiniň kärende şertnama bes edilenden soň kärendesine alnan emlägi dogry peýdalanmagynyň netijesinde dörän kadaly könelmäni hasaba almak bilen, ony alan ýagdaýynda, kärendesine berijä gaýtarmak borjy;

ç) Kärendesine beriji bilen Kärendeçiniň arasynda kärendesine alnan emlägiň ulanylmagy we abatlanylmagy boýunça borçlaryň paýlanylmagy;

d) Kärendeçiniň kärendesine alnan emlägi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýagdaýlarda ätiýaçlandyrmak borjy;

e) Kärendesine beriji tarapyndan kärendesine berlen emlägiň ýagdaýyna gözegçiligiň amala aşyrylmagynyň tertibi;

ä) Kärendeçiniň kärende tölegi boýunça borjuny bellenen möhletde ýerine ýetirmänligi sebäpli, puşmana pulunyň tölenilmegi;

7) kärende şertnamasynda kärendäniň beýleki şertleri hem göz öňünde tutulyp bilner.

Kärende şertnama baglaşylan ýagdaýynda düzülýän Emlägi daşyndan görüp ýazylan delilnama (şu Tertibe 6-njy goşundy), Emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasy (şu Tertibe 7-nji goşundy), Kärende töleginiň hasaplanylyşy (şu Tertibe 8-nji goşundy), şeýle hem kärendesine berilýän emlägiň meýdanynyň çyzgysy kärende şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

14. Kärendesine berilýän emlägiň görnüşine, kärendäniň maksatlaryna we şertlerine baglylykda kärende şertnamasy 1 (bir) ýyla çenli, 5 (bäş) ýyla çenli baglaşylyp bilner. Hasabynda saklaýjy bilen baglaşylan başga bir kärende şertnamanyň şertleri boýunça Kärendeçiniň kärendesine alynýan zat babatda öz üstüne maýa goýum borçlaryny alýan ýa-da Kärendeçiniň kärendesine alnan zat

bilen baglanyşykly işiniň uzak möhletli häsiýetde bolan halatlarynda kärende şertnama 5 (bäş) we ondan köp ýyl üçin baglaşylyp bilner. Şunda kärende şertnamasynyň möhleti kärendäniň obýektiniň ulanyş möhletinden geçmeli däldir.

Eger ulanyş möhleti geçen emläk, tehniki howpsuzlyk kadalarynyň talaplaryna laýyklykda kanagatlanarly ýagdaýda bolsa we dikeldiş bahasy boýunça ol hasaba goýlan ýagdaýynda, kärende şertnamasyny baglaşmaga ýol berilýär.

Şunda, gozgalmaýan emläklere gaýtadan kesilen baha balans bahasynyň 30 (otuz) göterimi möçberinde, gozgalýan emläklere gaýtadan kesilen baha balans bahasynyň 20 (ýigrimi) göterimi möçberinde kabul edilýär.

Kärende tölegi kärende gatnaşyklarynyň başlanan senesinden tölenmäge degişli bolup duryar. Kärende tölegini hasaplamak Kärende töleginiň hasaplanylyşyna atly şu Tertibiň 8-nji goşundysyna laýyklykda geçirilýär.

15. Şu aşakdaky halatlarda kärende şertnamany baglaşmakdan ýüz dönderilip bilner:

1) ýüztutma bellenilen görnüşe laýyk gelmese, şol sanda şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalar goşulman berlen bolsa;

2) Kärendesine alyjy başga döwlet emläginiň kärende şertnamasy boýunça kärende tölegi babatda borçnamany bozan bolsa;

3) kärendesine berilmegi soralýan emläk ýüztutmada görkezilen maksat boýunça peýdalanmak üçin ýaramsyz bolsa ýa-da onuň kärendesine berilmegi üçünji şahslaryň hukuklaryny bozan bolsa;

4) emlägi peýdalanmak aýratyn hukuk düzgünleri bilen düzgünleşdirilýän bolsa, onuň kärendesine berilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan maksadalaýyk däl diýlip hasap edilse.

Kärende şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderilmegi baradaky habarnama sebäpleri esaslandyrylyp, Kärendesine alyja ýazmaça görnüşde gowşurylýar.

## IV bap. Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny baglaşmak

16. Döwlet emlägini mugt peýdalanmaga (ssuda) almak üçin ýüztutmalary bermek we hasaba almak hem-de Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny baglaşmak we bellige almak, Döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutmalary bermegiň we hasaba almagyň hem-de kärende şertnamasyny baglaşmagyň we bellige almagyň şu Tertipde bellenilen kadalalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary esasynda döwlet emlägi mugt peýdalanmaga (ssuda) berlende Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalary baglaşylýar.

17. Döwlet emlägini mugt peýdalanmaga (ssuda) alýan ýuridik şahslar (mundan beýläk-Peýdalanmaga alyjy) Döwlet emlägini mugt peýdalanmaga (ssuda) almak üçin ýüztutma (şu Tertibe 9-njy goşundy) laýyklykda ýüzlenýärler. Berlen ýüztutma emlägi peýdalanmaga (ssuda) berýän ýuridik şahslara Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasy (şu Tertibe 10-njy goşundy)

laýyklykda, Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasyny baglaşmaga esas bolup durýar.

18. Döwlet emlägini mugt peýdalanmaga (ssuda) almak üçin ýüztutma şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýändigi barada ýa-da bir ministrlige (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna, häkimlige) we onuň ulgamyna degişli bolup durýandygy barada tassyklaýjy resminama;

2) Peýdalanmaga alyjynyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şaýatlyk edilen nusgasy, şeýle hem Döwlet tarapyndan bellige almak hem-de Türkmenistanyň Ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamasynyň nusgasy;

3) Peýdalanmaga alyjynyň ýolbaşçysynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasy we onuň wezipä bellendigini tassyklaýan buýrukdan ýa-da beýleki resminamadan göçürme ýa-da onuň wekiliniň şertnama gol çekmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan ynanç haty ýa-da buýrukdan göçürme we pasportynyň nusgasy.

19. Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalary Peýdalanmaga alyjynyň özüne mugt peýdalanmaga berlen «Döwlet emlägini» saklamak üçin adaty çykdajylary çekmek şertlerinde Peýdalanmaga alyjy bilen Peýdalanmaga berijiniň arasynda baglaşylýar.

20. Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasy baglaşylan halatynda, düzülýän emlägi daşyndan görüp ýazylan delilnama, emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasy, şeýle hem berilýän emlägiň meýdanynyň çyzgysy döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

21. Döwlet emläginiň niýetlenişine görä peýdalanylmazlygy, şol sanda olaryň Peýdalanmaga alyjylar tarapyndan üçünji şahslara doly ýa-da bölekleýin tirkeşikli kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmegi we beýleki Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslaryň ýüze çykmagy, baglaşylan Döwlet emläginiň mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasyny möhletinden öň bes etmek üçin esas bolup durýar.

## V bap. Kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almak

22. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalarynyň birkysmy görnüşine laýyklykda deň güýji bolan üç nusgada ýazmaça görnüşinde düzülen şertnamalar Müdirliklere tabşyrlan gününden başlap 15 (on bäş) senenama gününiň dowamynda Ygtyýarly edara, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň buýrugy bilen bellenilen halatlarda Müdirlikler tarapyndan Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň şu Tertibiň dokuzynjy, on sekizinji böleklerine laýyklykda tabşyran resminamalary esasynda şertnamany bellige almak amala aşyrylýar.

Döwlet emlägini kärendesine berilmeginiň şertnamalaryny bellige almak üçin şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen resminamalardan başga Hyzmat üçin tölegiň amala aşyrylandygyny tassyklaýan resminama goşulmaga degişli.

23. Taraplaryň gol çeken döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasy Ygtyýarly edara, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň buýrugy bilen bellenilen halatlarda Müdirlikler tarapyndan bellige alnan gününden başlap güýje girýär, şunda baglaşylan şertnamanyň ähli nusgasyna onuň bellige alnandygy hakynda bellenilen görnüşdäki möhürçe goýulýar.

24. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmegi boýunça şertnamalary bellige almagyň kitaby (şu Tertibe 11-nji goşundy) Ygtyýarly edara, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň buýrugy bilen bellenilen halatlarda Müdirlikler tarapyndan elektron göterijilerde ýa-da kagyz görnüşde ýöredilýär (eger-de kagyz görnüşinde ýöredilen ýagdaýynda şu Tertibiň otuz ikinji böleginiň talaby ulanylýar).

25. Bellige alnan döwlet emläginiň kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalarynyň, olara girizilen üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň hasabyny ýöretmek, şeýle hem kärende töleglerine gözegçilik etmek, elektron göterijilerde maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan binýadyny (elektron reýestrini) ýöretmek arkaly Kärendesine beriji we Ygtyýarly edara, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň buýrugy bilen bellenilen halatlarda Müdirlikler tarapyndan amala aşyrylýar.

## VI bap. Kärende, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny baglaşmagyň we ýerine ýetirmegiň beýleki şertleri

26. Kärende şertnamasyna laýyklykda, eger-de kärende şertnamasynyň şertlerinde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärende töleginiň ähli möçberi, statistik hasabaty ýöretmek maksady bilen, Kärendeçi tarapyndan Ygtyýarly edaranyň ýörite (üstaşyr) hasabyna geçirilýär.

Ygtyýarly edara käbir halatlarda, ýagny iri söwda merkezleriniň we beýleki kärhanalaryň hasabynda duran döwlet emlägi kärendesine berlen ýagdaýynda, baglaşylýan kärende şertnamalaryň şertleri boýunça kärende tölеglerini 5 (bäş) bank gününden gijä galman (Kärendesine beriji öz paýyny aýryp) Ygtyýarly edaranyň ýörite (üstaşyr) hasabyna geçirmek we töleýjileriň sanawyny bermek şerti bilen, olary Kärendesine berijiniň hasaplaşyk hasabynyň üsti bilen merkezleşdirip ýygnamaklygy ýola goýup biler.

Ygtyýarly edara kärende tölegini degişliligi boýunça paýlamagy hem-de geçirmegi Kärendeçiniň hakyky tölän pul möçberiniň Ygtyýarly edaranyň ýörite (üstaşyr) hasabyna gelip gowşan gününden başlap 5 (bäş) bank gününden gijä galman amala aşyrýar.

27. Kärende şertnamasynyň şertleriniň bozulandygy üçin Kärendeçä hasaplanylýan puşmana puly Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilmäge degişlidir.

28. Döwlet emlägini kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasy bes edilenden soň, Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň razylygy bilen, eger bu şertnamanyň şertlerinde göz öňünde tutulan bolsa we onuň ýaramlylygynyň peselmegine getirmeýän bolsa, Kärendeçi (Peýdalanmaga alyjy) tarapyndan öz serişdeleriniň hasabyna geçirilen kärendesine (peýdalanmaga) alnan emlägiň bölünip aýrylmaýan gowulandyrylmalary Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji tarapyndan oňa tölenilmäge degişlidir.

29. Döwlet emlägini Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji tarapyndan bermek we ony Kärendeçi (Peýdalanmaga alyjy) tarapyndan wagtlaýyn peýdalanmaga kabul etmek Emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasyna (şu Tertibe 7-nji goşundy) laýyklykda resmileşdirilýär.

30. Şu Tertibe laýyklykda baglaşylan şertnamalar Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň kärendesine (peýdalanmaga) alnan emläge eýeçilik hukugyny Kärendeçä (Peýdalanmaga alyja) bermek boýunça borçlaryny göz öňünde tutmaýar we Kärendeçä (Peýdalanmaga alyja) ony satyn almak hukugyny bermeýär.

31. Kärende şertnamasyny baglaşmazdan ýa-da onuň möhletini uzaltmazdan hakyky ulanylan kärende obýektleri üçin hasaplanylan (ýa-da alnan) kärende tölegi (goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan) Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýär.

## VII bap. Jemleýji düzgünler

32. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmegi boýunça ýüztutmalary hasaba almagyň kitabynyň sahypalary san bilen belgilenilýär, bagjyklanyp tikilýär we Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň tugraly möhüri bilen güwä geçilýär.

Kitabyň abat saklanylmagy, şeýle hem ony doly we dogry ýöredilmegi üçin Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň buýrugy bilen ygtyýarly edilen degişli işgärleri jogapkärçilik çekýärler.

33. Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji her emläk boýunça resminamalary kärende (peýdalanmak) gatnaşyklary bes edilen gününden başlap, azyndan 5 (bäş) ýylyň dowamynda saklamagyny we soňra ony erkin görnüşdäki güwänama boýunça ýok edilmegini üpjün edýär.

34. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalary we kärende töleginiň gowuşmagy hakyndaky maglumatlar Ygtyýarly edara tarapyndan degişli hasabat senesinde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine onuň tassyklan görnüşi boýunça berilýär.

35. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň degişli bölümi tarapyndan döwlet emlägini kärendesine bermekden alnan girdejileriň Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna gelip gowuşmagy hakyndaky çaklama we hasabat degişli hasabat döwri üçin taýýarlanylýar.

36. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalarynda görkezilen tertibi we şertleri hakyndaky, şol sanda kärende töleginiň möçberleri hakyndaky maglumat, üçünji şahslara aýan etmäge degişli bolmadyk täjirçilik syry bolup durýar.

37. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalarynyň möhletini uzaltmak ýa-da şertlerini üýtgetmek, baglaşylan şertnamalara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalarynyň şertlerine laýyklykda goşmaça ylalaşyklary baglaşmak arkaly amala aşyrylýar.

38. Kärende şertnamalarynyň baglaşylmagy, üýtgedilmegi, goşmaçalaryň girizilmegi, ýerine ýetirilmegi we bes edilmegi bilen baglanyşykly jedeller, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çözülýär.

39. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň meseleleri boýunça jedeller kazyýetde seredilende Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Emläk gatnaşyklary we telekeçiligi goldamak bölümi we/ýa-da Müdirlikler Ygtyýarly edaranyň bähbitlerine wekilçilik edýär.

40. Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şu Tertipde göz öňünde tutulmadyk beýleki şertleri Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary we baglaşylan şertnamalaryň şertleri bilen düzgünleşdirilýär.

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 1-nji goşundy

________________________________________________________________________

(Kärendesine berijiniň ady)

**Döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutma**

________________________________________________________________________

(ýüzlenýän ýuridik şahslar üçin onuň doly resmi ady, döwlet belligine alnyş belgisi we senesi,

________________________________________________________________________

hukuk salgysy, töleg maglumatlary, hususy salgyt belgisi,

________________________________________________________________________

ýolbaşçynyň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady,

________________________________________________________________________

ynanç hatynyň belgisi we bellige alnan senesi)

________________________________________________________________________

(fiziki şahslar üçin familiýasy, ady, atasynyň ady, hususy telekeçiniň bellige alyş şahadatnamasynyň belgisi we bellige alnan senesi,

________________________________________________________________________

töleg maglumatlary, pasport maglumatlary, hukuk saglysy)

«Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararynda göz önünde tutulanlaryň esasynda, Sizden

________________________________________________________________________

(döwlet emläginiň ady we ýerleşýän ýeri)

________________ dan ________________ çenli möhlede
____________________________________________________ peýdalanmak üçin
(ulanyş maksady)
kärendesine bermegiňizi haýyş edýärin.

Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibi we şertnamalary baglaşmagyň amallary bilen tanyşdym, garşy däl.

Ýüztutmanyň meniň maksatlaryma laýyk gelýändigini we kärende tölegini öz wagtynda tölejekdigimi ynandyrýaryn.

**Kärendesine alyjy:** ____________
(goly)
m.ýe.

**Kabul edildi** ____________________________________________________
(ýüztutmanyň belgisi, hasaba alnan senesi, Kärendesine berijiniň degişli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 2-nji goşundy

______________________________________________________________________

(Kärendesine berijiniň ady)

**Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen alnan maglumatyň esasynda döwlet emlägini kärendesine almak üçin ýüztutma**

_________________________________________________________________________

(ýüzlenýän ýuridik şahslar üçin onuň doly resmi ady, döwlet belligine alnyş belgisi we senesi,

_________________________________________________________________________

hukuk salgysy, töleg maglumatlary, hususy salgyt belgisi,

_________________________________________________________________________

ýolbaşçynyň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady,

_________________________________________________________________________

ynanç hatynyň belgisi we bellige alnan senesi)

_________________________________________________________________________

(fiziki şahslar üçin familiýasy, ady, atasynyň ady, hususy telekeçiniň bellige alyş şahadatnamasynyň belgisi we bellige alnan senesi,

_________________________________________________________________________

töleg maglumatlary, pasport maglumatlary, hukuk saglysy)

Kärendesine beriljek döwlet emlägi baradaky ___________________________
(neşiriň doly ady, çykarylan senesi we sany)
çap edilen maglumatlary öwrenip we «Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararynda göz önünde tutulanlaryň esasynda, Sizden

_________________________________________________________________________

(döwlet emläginiň ady we ýerleşýän ýeri)

________________ dan ________________ çenli möhlede
_______________________________________________________ peýdalanmak üçin
(ulanyş maksady)
kärendesine bermegiňizi haýyş edýärin.

Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibi we şertnamalary baglaşmagyň amallary bilen tanyşdym, garşy däl.

Ýüztutmanyň meniň maksatlaryma laýyk gelýändigini we kärende tölegini öz wagtynda tölejekdigimi ynandyrýaryn.

**Kärendesine alyjy:** _______________
(goly)
m.ýe.

**Kabul edildi** ____________________________________________________
(ýüztutmanyň belgisi, hasaba alnan senesi, Kärendesine berijiniň degişli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 3-nji goşundy

______________________________________________________________
(Kärendesine berijiniň ady)

**Döwlet emlägini kärendesine almak üçin bu emlägi hasabynda saklaýjy tarapyndan Ygtyýarly edara berilýän ýüztutma**

________________________________________________________________
(döwlet emlägini hasabynda saklaýjynyň doly resmi ady, döwlet belligine alnyş belgisi, hukuk salgysy,

________________________________________________________________
ýolbaşçynyň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň, familiýasy, ady, atasynyň ady we wezipesi,

________________________________________________________________
ynanç hatynyň belgisi we bellige alnan senesi,

________________________________________________________________
töleg maglumatlary we hususy salgyt belgisi)

«Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararynda göz önünde tutulanlaryň esasynda, Sizden_________________________

________________________________________________________________
(döwlet emläginiň ady we ýerleşýän ýeri)
________________ dan ________________ çenli möhlede ________________________
____________________ peýdalanmak üçin kärendesine bermegiňizi haýyş edýärin.
(ulanyş maksady)

Kärendesine alyjy barada aşakdakylary habar berýärin:

________________________________________________________________
(ýuridik şahslar üçin onuň doly resmi ady, döwlet belligine alnyş belgisi we senesi,

________________________________________________________________
hukuk salgysy, töleg maglumatlary, hususy salgyt belgisi,

________________________________________________________________
ýolbaşçynyň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

______________________________________________________________________________

(fiziki şahslar üçin familiýasy, ady, atasynyň ady, hususy telekeçiniň bellige alyş şahadatnamasynyň belgisi we bellige alnan senesi,

______________________________________________________________________________

töleg maglumatlary, pasport maglumatlary, hukuk saglysy)

Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibi we şertnamalary baglaşmagyň amallary bilen tanyşdym, garşy däl.

**Döwlet emlägini hasabynda saklaýjy:** _______________
(goly)
m.ýe.

Ýüztutmanyň meniň maksatlaryma laýyk gelýändigini we kärende tölegini öz wagtynda tölejekdigimi ynandyrýaryn.

**Kärendesine alyjy:** _______________
(goly)
m.ýe.

**Kabul edildi**___________________________________________________
(ýüztutmanyň belgisi, hasaba alnan senesi, Kärendesine berijiniň degişli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 4-nji goşundy

**DÖWLET EMLÄGINIŇ KÄRENDE ŞERTNAMASYNYŇ BYRKYSMY GÖRNÜŞI**

___________________________________

(Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň welaýatlaryň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliklerinde, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginde, Arkadag şäheriniň Maliýe we ykdysadyýet müdirliginde - geregini saýlap, görkezmeli)

20___-nji ýylyň_____aýynyň_______
№___/____bilen bellige alyndy

«Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji karary esasynda hereket edýän, mundan beýläk «Kärendesine beriji» diýlip atlandyrylýan, ____________________________________________, onuň adyndan

(«Kärendesine berijiniň» doly resmi ady)

____________________________________________________________ bir tarapdan

(ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň ady, atasynyň ady, familiýasy)

we mundan beýläk «Kärendeçi» diýlip atlandyrylýan ______________________

(fiziki şahs üçin ady, atasynyň ady, familiýasy,

____________________________________________________________________

hususy telekeçiniň şahadatnamasynyň belgisi we bellige alnan senesi;

____________________________________________________________________

ýuridiki şahs üçin doly resmi ady, bellige alnyş belgisi we senesi, onuň ygtyýarly wekiliniň ady, atasynyň ady, familiýasy we wezipesi,

____________________________________________________________________

ynanç hatynyň belgisi we berlen senesi)

beýleki tarapdan, bilelikde «Taraplar» diýlip atlandyrylýanlar aşakdakylar barada şu şertnamany baglaşdylar:

## I. Şertnamanyň meselesi

1. Şu şertnamanyň meselesi mundan beýläk «Kärende emlägi» diýlip atlandyrylýan ___________________________________________bolup durýar.
(kärendä berilýän emlägiň ady, ýerleşýän ýeri we kärende meýdany)

Şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan Emlägi daşyndan görüp ýazylan delilnamada (6-njy goşundy) beýan edilen «Kärende emlägi» şu şertnamada göz öňünde tutulan maksada laýyk ulanmak üçin ýaramly we üçünji şahslaryň hukuklary bilen borçlandyrylmadyk.

«Kärende emlägi» _______________________________________________
(Kärendesine berijiniň ýa-da (haçan-da Kärendesine beriji bolup Ygtyýarly edara çykyş edende)

____________________________________________________hasabynda durýar.
hasabynda saklaýanyň doly ady)

2. Şu şertnamany baglaşmak üçin Kärendesine alyjynyň___________________
(ýüztutmanyň senesi we belgisi)

esas bolup durýar.

3. «Kärendesine beriji» «Kärende emlägini» «Kärendeçä» berýär, «Kärendeçi» bolsa şol emlägi______________________________________üçin şu şertnamada
(kärendesine berilýän emlägi peýdalanmagyň maksady)

beýan edilen şertlerde wagtlaýyn peýdalanmaga kabul edip alýar.

4. «Kärende emlägi» kabul edip almak-bermek we yzyna gaýtarmak amaly şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan Emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasyna (7-nji goşundy) laýyk görnüşde «Kärendesine beriji» we «Kärendeçi» tarapyndan gol çekilýän nama esasynda geçirilýär.

## II. Kärendäniň möhleti

5. Şu şertnama 20___-nj_ ýylyň _________ aýynyň ___-den 20___-nj_ ýylyň _________ aýynyň ___-ine çenli möhlete baglaşylýar.

6. «Taraplaryň» şu şertnamanyň möhletiniň uzaldylmagy hakyndaky çözgüdi kabul edýän halatyndan başga halatlarda kärende gatnaşyklary onuň möhletiniň geçmegi boýunça ýazmaça görnüşde bes edilmäge degişlidir.

## III. Hasaplaşyklar

7. «Kärende emlägini» peýdalanýandygy üçin «Kärendesine beriji» «Kärendeçä» şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan Kärende töleginiň hasaplanyşynda (8-nji goşundy) görkezilen hasaplamalara laýyklykda her aý üçin ____________________________manat möçberinde kärende tölegini belleýär.
(möçberi sanlarda we ýazmaça)

«Kärendeçi» her aýyň kärende tölegini şol aýyň 5-inden gijä galman, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň (mundan beýläk – Ygtyýarly edara) Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky 23104934110153300004000 belgili hasaplaşyk hasabyna (232001840110153000058000 daşary ýurt hasabyna) geçirýär, MFO 390101101, şahsy salgyt belgisi 101111007529 (töleg resmi namasynda

tölegiň atlandyrylýan ýerinde şu şertnamanyň belgisi we tölenilýän döwür görkezilýär).

Kärende tölegi Ygtyýarly edaranyň hasaplaşyk hasabyna gelip gowşan senesinde tölenen hasap edilýär.

«Kärendeçä» edilýän jemagat we başga ugurdaş hyzmatlaryň bahasy, «Kärende emlägini» saklamak, ulanmak we abatlamak boýunça çykdajylar kärende töleginiň düzümine goşulan däldir. Bu harajatlar kärende şertnamasynyň hereketiniň çäklerinden daşarda bu hyzmatlary edýänler bilen baglaşylan şertnama esasynda «Kärendeçi» tarapyndan tölenilýär.

Şu şertnama, «Kärendeçi» üçin kärende tölegini Ygtyýarly edaranyň hasaplaşyk hasabyna özbaşdak geçirmäge esas bolup durýar, şunda şu şertnamada «Kärendä beriji» tarapyndan «Kärendeçä» kärende tölegini tölemek barada hasap-fakturasyny bermeklik göz öňünde tutulmaýar.

Eger, «Kärendeçiniň» öz günäsi boýunça «Kärende emlägini» peýdalanmakda päsgelçilik ýüze çykýan bolsa, ol kärende tölegini tölemekden boşadylmaýar.

8. Ygtyýarly edara kärende tölegini şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan Kärende töleginiň hasaplanyşyna (8-nji goşundy) laýyklykda «Kärendeçiniň» hakykatda tölän pul möçberiniň ýörite (üstaşyr) hasabyna gelip gowşan gününden başlap 5 (bäş) bank günüň dowamynda degişli ugurlara paýlaýar.

## IV. Taraplaryň borçlary we hukuklary

9. «Kärendesine beriji» şu aşakdakylary ýerine ýetirmeklige borçlanýar:

1) çyzgy boýunça «Kärende emläginiň» üýtgemezligine (artdyrylmazlygyna ýa-da kemeldilmezligine) jogap bermäge;

2) Emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasyna gol çekilen gününden «Kärendeçä» emlägi bermäge;

3) «Kärendeçiden» her aýky kärende tölegi boýunça töleg resminamalaryny talap etmäge we bergileri emele gelen halatynda töletdirmäge;

4) «Kärendeçi» «Kärende emlägini» taşlap, Türkmenistanyň çäginden daşyna giden halatynda «Kärendeçiniň» «Kärende emlägindäki» emlägini kazyýetiň çözgüdine çenli saklamagy üpjün etmäge;

5) şu şertnamanyň şertleriniň «Kärendeçi» tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmaga;

10. «Kärendesine beriji» şu aşakdakylara hukuklydyr:

1) «Kärendeçi» öz üstüne ýüklenen borçlaryny bozan halatynda, «Kärende emlägini» bellenen tertipde yzyna almaga we şertnamany möhletinden öň bes etmäge;

2) kärende möhletiniň tamamlanmagy boýunça «Kärende emläginiň» abatlanylmagy üçin geçirilen serişdäni şu şertnamanyň hereketiniň çäklerinden daşarda «Kärendesine beriji» «Kärendeçi» bilen baglaşylan ylalaşyk arkaly töletdirmäge;

3) kärende şertnamalaryň şertleriniň ýerine ýetirilişi bilen baglylykda jedelli meseleleri çözmek we bergileri öndürip almak üçin kanunda bellenilen tertipde kazyýete ýüz tutmaga.

11. «Kärendeçi» şu aşakdakylary ýerine ýetirmeklige borçlanýar:

1) şu şertnama laýyklykda kärende tölegini wagtynda tölemäge;

2) çyzgy boýunça «Kärende emläginiň» üýtgemezligine (artdyrylmazlygyna ýa-da kemeldilmezligine) jogap bermäge;

3) «Kärende emlägini» şertnamada görkezilen maksatlar üçin peýdalanmaklyga we onuň abat saklanylmagyny üpjün etmeklige;

4) «Kärende emlägini» özbaşdak gündelik abatlamaga;

5) jemagat we başga ugurdaş hyzmatlar, «Kärende emlägini» saklamak, ulanmak we abatlamak üçin çykdajylary bu hyzmatlary edýänler bilen şu şertnamadan daşary ylalaşyk baglaşmak arkaly öz üstüne almaga;

6) şu şertnama baglaşylan pursatynda mälim bolmadyk kemçilikleri «Kärendesine beriji» bilen bilelikde wagtynda düzetmeklige;

7) ýangyna garşy, sanitariýa howpsuzlygynyň, zähmeti goramagyň we tehniki howpsuzlygyň düzgünlerini berjaý etmeklige;

8) öz hereketleri bilen «Kärende emlägine» we «Kärendesine berijiniň» şol ýerde ýerleşýän gaýry emläklerine mundan beýläk ulanyp bolmajak halda haýsydyr bir zelel ýetirilmegine doly emläk jogapkärçiligini çekmäge;

9) «Kärende emlägini» öz serişdeleriniň hasabyna bellenen tertipde ätiýaçlandyrmaga;

10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli rugsady bolmadyk ýagdaýynda, «Kärende emlägiň» gurluşyna, sütünlerine we ulgamlaryna degişli üýtgetme girizmezligine we täze gurluşyk işleriniň, şol sanda durkuny täzelemek, oňa goşmaça bina gurmak, gurluşyk-gurnama işleriniň geçirilmezligine;

11) «Kärende emläginiň» ýanaşyk, emlägiň taslama çenlik resminamasynda bellenen ýer meýdançasyny arassa we abadan saklamaga;

12) «Kärende emlägine» Ygtyýarly edaranyň (Müdirlikleriň), «Kärendesine berijiniň», arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň, ýangyn howpsuzlyk edarasynyň, hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik edýän edaralarynyň wekillerini goýbermäge we olaryň bellän kemçiliklerini wagtynda düzetmäge;

13) şu şertnama bes edilenden soň «Kärende emlägini» ulanmagyň netijesinde kadaly könelişmegini nazara alyp, ony alan ýagdaýyndaky ýaly «Kärendesine berijä» gaýtaryp bermäge we emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasyna gol çekmäge;

14) «Kärende emlägini» tutuşlygyna ýa-da bölekleýin üçünji şahslara kärendä ýa-da başga görnüşde bermezlige.

12. «Kärendeçi» şu aşakdakylara hukuklydyr:

1) «Kärendesine beriji» öz üstüne ýüklenen borçlaryny bozan halatynda, «Kärende emlägini» yzyna tabşyrmaga we şertnamany möhletinden öň bes etmäge;

2) «Kärende emlägi» babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu şertnamanyň şertlerine ters gelmeýän islendik hereketleri amala aşyrmaga;

3) şu şertnama boýunça borçlaryny ýerine ýetirmegiň çäklerinden daşarda öz işinde doly erkinlige.

## V. Taraplaryň jogapkärçiligi

13. «Taraplar» şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmezligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

14. «Kärendeçi» şu şertnama bellige alnandan soňra şu şertnamanyň ýedinji böleginde görkezilen kärende töleginiň ähli geçen aýlary üçin tölenilmeli möçberini 10 (on) bank günüň dowamynda tölemedik ýagdaýynda, tölenilmedik möçberine 10 (on) göterimi puşmana puluny töleýär.

Kärende töleginiň tölenilmeli möhletiniň geçirilendigi üçin «Kärendesine beriji» «Kärendeçiden» şu şertnamanyň ýedinji böleginde bellenen umumy tölegiň tölenilmedik möçberiniň 10 (on) göterimi puşmana puluny Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna töletdirmäge haklydyr.

«Kärendeçiniň» kärende tölegini şertnamada bellenilen möhletden yzly-yzyna 2 (iki) aýlap tölemän gijä goýmagy şu şertnamany bes etmek üçin ýeterlik esas bolup biler. Kärende töleginiň tölenilmedik möçberi puşmana puluny hasaba almak bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda «Kärendeçä» töletdirilmäge degişlidir.

15. Puşmana pulunyň tölenilmegi «Taraplary» şertnamalaýyn borçlaryny ýerine ýetirmekden boşatmaýar.

16. «Kärendeçi» şu şertnama arkaly göz öňünde tutulan şertleriň we degişli kanunyň talaplaryna laýyklykda peýdalanmagyň netijesinde ýüze çykan «Kärende emläginiň» üýtgemegi ýa-da ýaramazlaşmagy üçin jogapkärçilik çekmeýär.

«Kärendeçi»  «Kärende emlägine» ýetiren zeleli öz wagtynda we öz hasabyna düzedýär.

«Kärendeçiniň» «Kärende emlägine» ýetiren we ony mundan beýläk ulanmaga ýaramsyz edýän zelelini wagtynda hem-de öz hasabyna düzetmekden boýun gaçyran ýagdaýynda, «Kärendesine beriji» ýetirilen zeleliň möçberinde tölegi we kärendäniň galan döwri üçin şu şertnamada bellenilen kärende töleginiň möçberinde elden gidirilen peýdany (şu şertnamanyň sekizinji bölegine laýyklykda paýlanýan) almak üçin «Kärendeçä» talapnama bildirýär. Şunda «Kärendesine berijiniň» şu şertnamany möhletinden öň bes etmäge hukugy bardyr.

Şunuň ýaly tertip, agzalan zyýan «Kärendeçi» tarapyndan, «Kärendesine berijiniň» şol ýerde ýerleşýän gaýry emläklerine hem ýetirilen halatynda, zyýanyň öwezini dolmakda hem ulanylýar.

17. Eger, «Kärendeçi» kärende gatnaşyklary tamamlanandan soň «Kärende emlägini» gaýtaryp bermese, «Kärendä beriji» saklanan döwür üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kärende tölegini talap etmäge haklydyr, şu şertnamanyň möhletiniň uzaldylan halaty muňa girmeýär.

## VI. Şertnamanyň möhletini uzaltmak, şertini üýtgetmek we ony bes etmek

18. Şu şertnama boýunça borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirýän «Kärendeçiniň» beýleki deň şertlerde kärendäni dowam etdirmäge üçünji şahslaryň öňünde artykmaç hukugy bardyr.

Şu şertnamanyň möhletini uzaltmak, şertlerini üýtgetmek ýa-da ony bes etmek «Taraplaryň» şu şertnamanyň bäşinji böleginde görkezilen kärende möhletiniň tamamlanmazyndan öň «Kärendeçiniň» «Kärendesine berijä» berýän ýazmaça habarnamasy esasynda olaryň şu şertnama goşmaça baglaşýan degişli ylalaşygynda görkezilýär.

19. «Kärendesine beriji» aşakdaky esaslarda kärende şertnamasynyň möhletini uzaltmakdan boýun gaçyryp biler:

1) «Kärendeçi» şertnamanyň şertlerini bozan halatynda;

2) beýleki kanuny esaslarda.

«Kärendesine berijiniň» esassyz şu şertnamanyň möhletini uzaltmakdan boýun gaçyrmaklygyna ýa-da onuň möhletinden öň bes edilmegini talap etmekligine ýol berilmeýär.

20. Bar bolan kärende toleginiň bazaryndan ugur alyp, kärende tölegini ýokarlandyrmagy hem goşmak bilen, baglaşylan şertnamanyň hereket edýän döwründe, kärende şertlerini üýtgetmäge kärendäniň 1 (bir) ýyllyk döwrüniň tamamlanmagy boýunça bir gezekden ýygy bolmadyk ýagdaýda ýol berilýär.

21. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärende gatnaşyklarynyň subýektleriniň-ýuridik şahslaryň üýtgedilip guralmagy ýa-da eýesiniň çalşylmagy kärende şertnamasynyň şertleriniň düýpli üýtgedilmegi ýa-da möhletinden öň bes edilmegi üçin esas bolup bilmeýär.

22. «Kärendeçi» şu şertnama boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny bozan ýagdaýynda (ýeňip bolmaýan güýçleriň täsiri netijesinde ýol berlen bozulmalar muňa girmeýär) «Kärendesine beriji» oňa 10 (on) senenama gününüň dowamynda ýüze çykarylan düzgün bozulmalary düzetmek barada resmi hat berýär. Şol resmi hatda görkezilen düzgün bozulmalar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda «Kärende emlägini» «Kärendeçiniň» peýdalanmagyndan almaga we şu şertnamany bes etmäge haklydyr, şunda «Kärende emlägine» edilen çykdajylaryň öwezi «Kärendeçä» dolunmaýar.

«Kärendeçiniň» «Kärende emlägini» tutuşlygyna ýa-da bölekleýin üçünji şahsa kärendä ýa-da başga görnüşde beren ýagdaýynda «Kärendesine beriji» şu şertnamany bes etmeklige haklydyr.

Ýeňip bolmaýan güýçleriň täsiri bilen «Kärende emläginiň» weýran bolmagy ýa-da onuň ulanmaga ýaramsyz ýagdaýa gelmegi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, beýleki döwlet häkimiýet edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda «Kärende emläginiň» durkuny täzelemäge ýa-da başgaça ýagdaýda peýdalanmaga degişli edilmegi şu şertnamany möhletinden öň bes etmäge esas bolup durýar.

23. «Kärendeçi» Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, kärende gatnaşyklary gutarýança kärende tölegini tölemek şerti bilen, bir aý öňünden «Kärendesine berijä» ýazmaça görnüşde duýduryp, şu şertnamany möhletinden öň bes edip biler, onuň kärendäniň galan möhletiniň dowamynda «Kärendeçi» bolmaga razy bolan, tölege ukyply we kabul ederlikli üçünji şahsy «Kärendesine berijä» teklip eden halaty muňa girmeýär.

## VII. Jedelleri çözmek

24. Şu şertnama boýunça ýüze çykýan jedeller «Taraplaryň» gepleşikleri arkaly çözülýär.

Eger, «Taraplaryň» arasyndaky gepleşikler netijesinde ylalaşyk gazanylmadyk halatynda jedelleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tarapyndan çözülýär.

## VIII. Beýleki şertler

25. «Kärendeçiniň» öz serişdeleriniň hasabyna «Kärende emläginiň» hakyky fiziki ýagdaýyny gowulandyrmagy netijesinde alan girdejileri kärende töleginiň möçberiniň artdyrylmagyna eltmeýär.

26. «Kärendeçi» öz serişdeleriniň hasabyna «Kärende emlägi» babatda bölünmeýän gowulandyrmalar geçiren bolsa, çykaran serişdeleriniň öwezi «Kärendesine beriji» bilen baglaşylan ylalaşyk arkaly göz öňünde tutulan we şu şertnamanyň hereketiniň çäklerinden daşarda bolan halatynda «Kärendesine beriji» tarapyndan dolunmaga degişlidir.

27. Eger-de, «Kärendeçiniň» şu şertnamanyň üçünji böleginde görkezilen işlerini amala aşyrmak üçin ygtyýarnama (rugsatnama) almaklyk, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenen bolsa, onda ol borçlar «Kärendeçiniň» öz jogapkärçiliginde bolýar we ygtyýarnamany almaklyk şu şertnamada bellenilen hukuk gatnaşyklaryndan daşary amala aşyrylýar.

28. Kärende şertnamasyny baglaşmazdan ýa-da onuň möhletini uzaltmazdan hakyky ulanylan kärende obýektleri üçin hasaplanylan (ýa-da alnan) kärende tölegi (goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan) Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýär.

29. «Taraplaryň» şu şertnamada beýan edilmedik beýleki hukuk gatnaşyklary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

30. Şu şertnama deň hukuk güýji bolan üç nusgada düzüldi, olaryň biri «Kärendeçä», ýene biri «Ygtyýarly edara» (Müdirlige) berilýär we biri Kärendesine berijide» galýar.

31. Şertnama goşulan goşundylar onuň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

### «Taraplaryň» hukuk salgylary we töleg maglumatlary

| «Kärendesine beriji» | «Kärendeçi» |
| --- | --- |
| ____________________________ | ____________________________ |
| ____________________________ | ____________________________ |
| (goly) | (goly) |
| m.ý. | m.ý. |

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamalaryny bellige almagyň Tertibine 5-nji goşundy

## Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmegi boýunça ýüztutmalary hasaba almagyň kitaby

| Ýüztutmanyň hasaba alnandygy barada bellik | | Ýüztutmanyň görnüşi | Emläk | | Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji | | Kärendesine (Peýdalanmaga) alyjy | | Şertnama baglaşylandygy barada bellik | | Şertnama baglaşmakdan ýüz dönderilendigi baradaky hatyň senesi we çykyş belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| senesi | belgisi | | Atlandyrylyşy | ýerleşýän ýeri | atlandyrylyşy, familiýasy, ady, atasynyň ady | hukuk salgysy | atlandyrylyşy, familiýasy, ady, atasynyň ady | hukuk salgysy | bellige alynyş belgisi | senesi | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 6-njy goşundy

# Emlägi daşyndan görüp ýazylan delilnama

______________________________________________________________
(emlägiň düzümine girýän aýrybaşgalanan ýaşalmaýan otaglaryň ýerleşýän ýeri, haýsy gatdadygy, enjam berlen ýagdaýynda tehniki häsiýetnamasy)
ýerleşýän umumy meýdany ______m$^2$ aýratyn duran jaý/ emläk/ ýaşalmaýan jaý
(geregini görkezmeli)
kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berlen emläk bolup durýar.
Kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emläk
______________________________________________________________
(Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň doly ady)
hasabynda durýar.
______________________________________________________________
(kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emlägiň tehniki ýagdaýy)
______________________________________________________________
(inženerçilik ulgamlary)

Kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emlägiň ýagdaýy kanagatlanarly we ____________________________üçin ulanmaklyga ýaramly.
(ulanyş maksady)

Kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emlägiň ýerleşýän ýeri _______
________________________________çägindäki ykdysady zolagynda ýerleşýär.
(Aşgabat ş., beýleki ilatly ýeriň ady)

| «Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji» | «Kärendeçi/Peýdalanmaga alyjy» |
|---|---|
| ________________________ | ________________________ |
| ________________________ | ________________________ |
| (goly) | (goly) |
| m.ý. | m.ý. |

Bellik: Kärendesine beriji bolup Ygtyýarly edara çykyş edende hasabynda saklaýjynyň ady görkezilmeli.

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 7-nji goşundy

**Emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasy**

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň şertnamasy boýunça (20___-nji ýylyň «___»____________ bellige alnan belligi)________________________________________________onuň adyndan
(Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň doly resmi ady)
__________________________________________________________tabşyrdy,
(Kärendesine (Peýdalanmaga) berijiniň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň
ygtyýarly wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)
_______________________________________________________onuň adyndan
(Kärendeçi (Peýdalanmaga) alyjynyň doly resmi ady, familiýasy, ady, atasynyň ady)
________________________________________________________________
(Kärendeçi (Peýdalanmaga) alyjynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň
ygtyýarly wekiliniň (ýuridik şahs üçin) familiýasy, ady, atasynyň ady)
________________________________________________________________
(kabul edilmegiň-berilmegiň senesi)
____________________________________ wagtlaýyn peýdalanmaga kabul etdi.
(kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emlägiň ady we ýerleşýän ýeri)

Şu nama:

kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emläk boýunça Kärendeçiniň/Peýdalanmaga alyjynyň nägilelikleriniň ýoklugyny;

kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýän emlägiň, şu durkunda göz öňünde tutulan maksada laýyk ulanarly bolup durýandygyny we üçünji şahslaryň hukuklary bilen borçlandyrylmandygyny tassyk edýär.

| **T a b ş y r d y :** | **K a b u l e t d i :** |
|---|---|
| «Kärendesine (Peýdalanmaga) beriji» | «Kärendeçi/Peýdalanmaga alyjy» |
| ________________________ | ___________________________ |
| ________________________ | ___________________________ |
| (goly) | (goly) |
| m.ý. | m.ý. |

Bellik: Kärendesine beriji bolup Ygtyýarly edara çykyş edende hasabynda saklaýjynyň ady görkezilmeli.

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 8-nji goşundy

# Kärende töleginiň hasaplanylyşy

Kärende tölegleriniň hasaplanylyşy «Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararynda bellenen esaslarda geçirilýär we aşakdakylary göz öňünde tutýar:

| | | |
|---|---|---|
| $R_r = C_{rp} - C_a - T$ | *Nirede:* | $C_{rp} = N \times 12$;<br>$C_a$ = 1 ýyldaky amortizasýon tutumy : umumy meýdany;<br>$T = C_{rp} : 115 \times 15$. |
| $R_r$ - 1 i.d.m. kärende meýdançasynyň 1 (bir) ýyldaky kärende göteriminiň möçberi | | |
| $C_{rp}$ – 1 inedördül metr (mundan beýläk - i.d.m.) kärende meýdançasynyň 1 (bir) ýyldaky kärende töleginiň möçberi | | |
| $C_a$ -1 i.d.m. kärende meýdançasynyň 1 (bir) ýyldaky kärende möhletindäki amortizasion tutumynyň möçberi | | |
| T - 1 i.d.m kärende meýdançasynyň 1 (bir) ýyldaky GBÜS möçberi | | |
| $C_b$ - 1 i.d.m. kärende meýdançasynyň kärende möhletindäki balansdaky galyndy gymmaty | | |
| $S_{rb}$ - Kärende şertnamasy baglaşylan günündäki Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirme derejesi | | |
| N - Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi (Müdirlik) tarapyndan bellenilen 1 i.d.m. kärende meýdançasynyň aýdaky kärende töleginiň möçberi | | |

Bellik:

1) hasaplanylýan kärende göteriminiň möçberi, kärende şertnamasynyň baglaşylan senesinde hereket edýän Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirme derejesiniň ululygyna köpeldilen, hasapdaky galyndy bahasynyň (maliýe hasabat ýylynyň jemleri boýunça) möçberinden pes bolmadyk möçberde bellenilýär, ýagny şu formula arkaly hasaplanylýar: $R_r \geq S_{rb} \times C_b$;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Kärendesine beriji bilen Kärendeçiniň ylalaşan kärende bahasy esasynda kärende obýektiniň ýerleşýän ýerine, onuň gurluşyna we beýleki şertlerine baglylykda kärende töleginiň binýatlyk möçberine ýokarlandyryjy ýa-da aşaklandyryjy düzediş koeffisiýentleri ulanylyp bilner.

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 9-njy goşundy

______________________________________________________________________________

(döwlet emlägini Peýdalanmaga berijiniň ady)

**Döwlet emlägini mugt peýdalanmaga (ssuda) almak üçin ýüztutma**

______________________________________________________________________________

(Peýdalanmaga alyjynyň doly resmi ady, döwlet belligine alynyş belgisi, hukuk salgysy,

______________________________________________________________________________

ýolbaşçynyň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň, familiýasy, ady, atasynyň ady we wezipesi,

______________________________________________________________________________

ynanç hatynyň belgisi we bellige alnan senesi,

______________________________________________________________________________

töleg maglumatlary we hususy salgyt belgisi)

«Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji kararynda göz önünde tutulanlaryň esasynda Sizden

______________________________________________________________________________

(döwlet emläginiň ady we ýerleşýän ýeri)

________________ dan ________________ çenli möhlede ____________________
__________________________________peýdalanmak üçin bermegiňizi haýyş edýärin.

(ulanyş maksady)

Býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýändigi barada ýa-da bir ministrlige (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna, häkimlige) we onuň ulgamyna degişli bolup durýandygy barada tassyklaýjy resminama goşulýar.

Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibi we şertnamalary baglaşmagyň düzgünleri bilen tanyşdym, garşy däl.

**Peýdalanmaga alyjy:** _____________

(goly)

m.ýe.

**Kabul edildi**

______________________________________________________________________________

(ýüztutmanyň belgisi, hasaba alnan senesi, Peýdalanmaga berijiniň degişli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 10-njy goşundy

# DÖWLET EMLÄGINIŇ MUGT PEÝDALANMAGA (SSUDA) BERILMEGINIŇ ŞERTNAMASY

____________________________________
__
(Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň welaýatlaryň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliklerinde, Aşgabat şäheriniň Baş maliýe we ykdysadyýet müdirliginde, Arkadag şäheriniň Maliýe we ykdysadyýet müdirliginde - geregini saýlap, görkezmeli)
20___-nji ýylyň_____aýynyň_______
№___/____bilen bellige alyndy

«Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji karary esasynda hereket edýän, mundan beýläk «Peýdalanmaga beriji» diýlip atlandyrylýan, ______________________________________________, onuň adyndan
(Peýdalanmaga berijiniň doly resmi ady)
________________________________________________________________ bir tarapdan
(Peýdalanmaga berijiniň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň ady, atasynyň ady, familiýasy)
we mundan beýläk «Peýdalanmaga alyjy» diýlip atlandyrylýan ___________________________________________________________________________
_
(doly resmi ady, döwlet bellige alnyş belgisi, ygtyýarly wekiliň ady, atasynyň ady, familiýasy)
beýleki tarapdan, bilelikde «Taraplar» diýlip atlandyrylýanlar aşakdakylar barada şu şertnamany baglaşdy.

## I. Şertnamanyň meselesi

1. Şu şertnamanyň meselesi, mundan beýläk «Döwlet emlägi» diýlip atlandyrylýan, ________________________________ ýerleşýän, meýdany ________m$^2$
(salgysy)
ýaşalmaýan jaý/edara jaýy/enjam/ bolup durýar.
(gereklisini görkezmeli)

Şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan Emlägi daşyndan görüp ýazylan delilnamada (6-njy goşundy) beýan edilen «Döwlet emlägi» şu durkunda şertnamada göz öňünde tutulan maksada laýyk ulanmaga ýaramly we üçünji şahslaryň hukuklary bilen borçlandyrylmadyk.

«Döwlet emlägi»____________________________________hasabynda durýar.

(Peýdalanmaga berijiniň doly ady)

2. Şu şertnamany baglaşmak üçin ________________________ esas bolup durýar.

(ýüztutma, № ____ berlen wagty)

3. «Peýdalanmaga beriji» «Döwlet emlägini» «Peýdalanmaga alyja» berýär, «Peýdalanmaga alyjy» bolsa şol emlägi ______________üçin şu şertnamada

(ulanyş maksady)

beýan edilen şertlerde ony wagtlaýyn peýdalanmaga kabul edip alýar.

«Döwlet emlägi» «Peýdalanmaga alyjy» tarapyndan diňe şu şertnamada görkezilen maksatlar üçin we şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan emlägiň meýdanynyň çyzgysynyň çäklerinde ulanylmalydyr.

«Döwlet emlägini» kabul etmegiň-bermegiň amallary şu şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolan Emlägi kabul ediş-tabşyryş delilnamasyna (7-nji goşundy) laýyk görnüşde «Peýdalanmaga alyjy» we «Peýdalanmaga beriji» tarapyndan gol çekilýän degişli nama esasynda geçirilýär.

## II. Peýdalanmagyň möhleti

4. Şu şertnama 20___-nj_ ýylyň _________ aýynyň ___-den 20___-nj_ ýylyň _________ aýynyň ___-ine çenli möhlete baglaşylýar.

5. Eger, taraplar şertnamany uzaltmak hakynda ylalaşyga gelmeseler, şertnamanyň möhletiniň geçmegi bilen şu şertnamada bellenilen hukuk gatnaşyklary ýazmaça görnüşde bes edilmäge degişlidir.

## III. Hasaplaşyklar

6. «Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji noýabrynda çykaran 1452-nji karary bilen tassyklanan, Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibiniň bäşinji bölegine ýa-da degişli Ylalaşygyň, Şertnamanyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdine laýyklykda töleg bellenmeýär.

## IV. Taraplaryň borçlary we hukuklary

7. «Peýdalanmaga beriji» şu şertnamanyň şertleriniň «Peýdalanmaga alyjy» tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge borçludyr.

8. «Peýdalanmaga beriji» aşakdaky ýagdaýlarda şu şertnamany ýatyrmaga hukuklydyr:

1) eger ol garaşylmadyk ýagdaýyň ýüze çykmagynyň netijesinde «Döwlet emlägi» özüne zerur bolsa;

2) eger «Peýdalanmaga alyjy» «Döwlet emlägini» şertnamada niýetlenilişine görä ulanmaýan bolsa, hususan-da, eger ol haky bolmasa-da «Döwlet emlägini» üçünji bir şahsa peýdalanmaga berse ýa-da eger ol «Döwlet emlägine» göwnejaý göz-gulak bolmanlygy sebäpli oňa ep-esli howp döredýän bolsa;

3) «Peýdalanmaga alyjy» bolup durýanyň ýuridik şahs hökmünde bes edilmegi netijesinde.

9. «Peýdalanmaga alyjy» şu aşakdakylara borçludyr:

1) alan «Döwlet emlägini» şertnamada bellenilişinden başga hili peýdalanmazlyga we ony abat saklamaklyga;

2) «Peýdalanmaga berijiden» ygtyýarsyz «Döwlet emlägini» üçünji şahsyň peýdalanmagy üçin bermezlige;

3) mugt peýdalanmak üçin alnan «Döwlet emlägini» şu şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlanandan soň gaýtaryp bermäge;

4) «Peýdalanmaga beriji» bilen bilelikde şu şertnama baglaşylan pursatda mälim bolmadyk, täze ýüze çykarylan kemçilikleri wagtynda düzetmäge;

5) «Peýdalanmaga alyjy» özüne mugt peýdalanmaga berlen «Döwlet emlägini» saklamak üçin adaty çykdajylary çekmek şertlerinde bu hyzmatlary edýänler bilen baglaşan degişli ylalaşyk esasynda tölegleri töleýär. Görkezilen ylalaşygyň şertleri şu şertnamanyň şertlerine garşy gelip bilmez.

6) şu şertnama bes edilenden soň, «Döwlet emlägini» kanuny ulanmagyň netijesinde onuň kadaly könelişmegini nazara alyp, ony alan ýagdaýyndaky ýaly «Peýdalanmaga berijä» gaýtaryp berýär we kabul etmek-bermek üçin şu şertnamada bellenilen şertlerde yzyna gaýtaryp bermek namasyna gol çekýär.

10. «Peýdalanmaga alyjy» şu aşakdakylara hukuklydyr:

1) özüniň «Döwlet emlägini» enjamlaşdyran abzallaryny-şaýlaryny alyp galmaga;

2) emlägi peýdalanmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu şertnamanyň şertlerine ters gelmeýän islendik hereketleri amala aşyrmaga;

3) şu şertnamany bes etmek üçin bellenilen möhleti berjaý etmezden ýazmaça duýduryp, ony möhletinden öň islendik wagtda bes etmäge.

## V. Taraplaryň jogapkärçiligi

11. «Taraplar», şu şertnamanyň şertleriniň ýerine ýetirilmezligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

12. «Peýdalanmaga alyjynyň» şu şertnamanyň şertlerini bozmagy şu şertnamany bes etmek üçin ýeterlik esas bolup durýar.

«Peýdalanmaga alyjynyň», «Döwlet emlägini» saklamak, ulanmak we abatlamak boýunça çykdajylary tölemegiň tertibiniň bozulmagy üçin jogapkärçiligi, onuň «Peýdalanmaga beriji» bilen baglaşan ylalaşygynda bellenýär we şol tertibiň bozulmagy şu şertnamany möhletinden öň bes etmek üçin esas bolup hyzmat edip biler.

13. «Peýdalanmaga alyjy» şu şertnamada göz öňünde tutulan, kanuny peýdalanylmagy netijesinde ýüze çykan, «Döwlet emläginiň» üýtgemegi ýa-da ýaramazlaşmagy üçin jogapkärçilik çekmeýär.

«Peýdalanmaga alyjy» «Döwlet emlägine» ýetiren zelelini öz wagtynda we öz hasabyna düzedýär.

«Peýdalanmaga alyjy» «Döwlet emlägine» ýetiren we mundan beýläk ulanmaga ýaramsyz edýän zelelini wagtynda we öz hasabyna düzetmekden boýun gaçyran ýagdaýynda, «Peýdalanmaga beriji» ýetirilen zeleliň möçberinde «Peýdalanmaga alyja» talapnama bildirýär.

## VI. Şertnamany uzaltmak, üýtgetmek, bes etmek

14. Şu şertnamanyň möhletini uzaltmak, şertlerini üýtgetmek ýa-da ony bes etmek şu şertnamanyň dördünji böleginde görkezilen peýdalanmak möhletiniň tamamlanmazyndan öň «Peýdalanmaga alyjynyň» «Peýdalanmaga berijä» berýän ýazmaça habarnamasy esasynda olaryň şu şertnama goşmaça baglaşýan degişli ylalaşygynda görkezilýär.

15. «Peýdalanmaga alyjy» şu şertnama boýunça öz üstüne alan borçnamalaryny bozan ýagdaýynda (ýeňip bolmaýan güýçleriň täsiri netijesinde ýol berlen bozulmalar muňa girmeýär) «Peýdalanmaga beriji» oňa 10 (on) senenama günüň dowamynda bozulmalary düzetmek barada resmi hat iberýär. Hatda görkezilen bozulan borçnama düzedilmedik ýagdaýynda «Peýdalanmaga beriji» «Döwlet emlägini» «Peýdalanmaga alyjydan» almaga we şu şertnamany bozmaga haklydyr, şunda «Döwlet emlägine» «Peýdalanmaga alyjynyň» çykaran çykdajylarynyň öwezi dolunmaýar.

16. Şeýle hem şu şertnamany wagtyndan öň bes etmäge şular «Peýdalanmaga berijä» esas bolup durýar:

1) ýeňip geçip bolmaýan güýçleriň täsiri, şol sanda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we beýleki döwlet häkimiýet edaralarynyň «Döwlet emlägi» babatda degişli çözgütleriniň netjesinde olar ýykylyp aýrylmaga, durkuny täzelemäge ýa-da başgaça ýagdaýda peýdalanmaga degişli edilmegi sebäpli, geljekde ulanyp bolmajak ýagdaýa getirilmegi;

2) şu şertnamany baglaşmak üçin esaslaryň bes edilmegi ýa-da beýleki ýagdaýlar sebäpli «Peýdalanmaga alyjynyň» öz işini bes etmegi ýa bolmasa ep-esli derejede kemeltmegi.

## VII. Jedelleri çözmek

17. Şu şertnama ýerine ýetirilen döwründe ýüze çykýan jedelleri «Taraplar» gepleşikler arkaly çözýär.

«Taraplaryň» arasyndaky gepleşikleriň netijesinde ylalaşyk gazanylmadyk halatynda jedeller Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tarapyndan çözülýär.

## VIII. Beýleki şertler

18. «Peýdalanmaga alyjynyň» öz serişdeleriniň hasabyna peýdalanylýan «Döwlet emlägi» babatda geçiren aýrylmaz gowulandyrmalarynyň öwezi, eger bu onuň bilen «Peýdalanmaga berijiniň» arasynda we şu şertnamanyň çäklerinden daşarda bellenilen tertipde baglaşylan ylalaşyk arkaly göz öňünde tutulan halatynda «Peýdalanmaga beriji» tarapyndan dolunmaga degişlidir.

19. «Taraplaryň» şu şertnamada beýan edilmedik beýleki hukuk gatnaşyklary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

20. Şu şertnama deň hukuk güýji bolan üç nusgada düzüldi, olaryň biri «Peýdalanmaga alyja», ýene biri «Peýdalanmaga berijä» berilýär we biri «Ygtyýarly edarada» (Müdirlikde) galýar.

21. Şu şertnama goşulýan goşundylar onuň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

**Taraplaryň hukuk salgylary we töleg maglumatlary**

| «Peýdalanmaga beriji» | «Peýdalanmaga alyjy» |
| --- | --- |
| ____________________ | ____________________ |
| ____________________ | ____________________ |
| (goly) | (goly) |
| m.ý. | m.ý. |

Döwlet emläginiň kärendesine, mugt
peýdalanmaga (ssuda) berilmeginiň
şertnamalaryny bellige almagyň
Tertibine 11-nji goşundy

## Döwlet emläginiň kärendesine, mugt peýdalanmaga (ssuda) berilmegi boýunça şertnamalary bellige almagyň kitaby

| **Şertnamanyň bellige alnan senesi we belgisi** | | **Emläk** | | **Şertna-manyň möhleti** | **Kärendeçi (Peýdalanmaga alyjy)** | | | **Kärendä beriji (Peýdalanmaga beriji)** | | | **Şertnamany baglaşmagyň esasy** | **Bes edilýändigi, uzaldylýandygy barada bellik** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Senesi** | **Belgisi** | **Atlandyrylyşy** | **Ýerleşýän ýeri** | | **Atlandyrylyşy, familiýasy, ady, atasynyň ady** | **Hukuk salgysy** | **Töleg görkezijileri** | **Atlandyrylyşy** | **Hukuk salgysy** | **Töleg görkezijileri** | | |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** | **11** | **12** | **13** |
| | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2020-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda 1296 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.